***Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda milli bilim ulgamyny döwrebaplaşdyrmak, şeýle-de ýaşlaryň daşary ýurt dillerini suwara öwrenmegini gazanmak ugrunda netijeli işler alnyp barylýar. Şoňa laýyklykda, çagalar baglaryndan başlap, umumybilim edaralarynda, ýokary okuw mekdeplerinde olara daşary ýurt dilleri öwredilýär.***

Bilşimiz ýaly, häzirki wagtda ýurdumyzda daşary ýurt dillerine ýöriteleşdirilen umumybilim edaralary hereket edýär. Şeýle-de her ýylyň 1-nji sentýabrynda şeýle mekdepleriň täzeleri açylyp, ulanylmaga berilýär. Bu bolsa ýaşlaryň orta mekdepden başlap, özüniň saýlap alan daşary ýurt dilini öwrenmegine uly ýardam berýär. Okuwçylar bu ýerde öwrenen dillerini ýokary okuw mekdeplerinde dowam etdirip, has-da özleşdirýärler. Biziň institutymyzda hem ýaşlaryň dürli dilleri öwrenmekleri üçin giň mümkinçilikler döredilendir. Şeýlelikde, daşary ýurt dillerini suwara bilýän, giň dünýägaraýyşly kämil ýaşlar kemala gelýär.

Köp dil öwrenmek we ony ýaş nesle öwretmek Gahryman Arkadagymyzyň ýaşlara bildirýän ynamyny ödemekdir. Köp dil bilmegiň durmuşy ähmiýeti örän uly bolup, ol halkara gatnaşyklarynyň, diplomatiýanyň işjeň serişdesidir. Dünýäniň dürli künjeklerinden gelýän myhmanlary maksadalaýyk garşy almak, olar bilen işewür gatnaşyklary ýola goýmak, bu ugurda ýüze çykýan soraglary çözmek üçin dürli dilleri öwrenmegiň hyzmaty uludyr. Şonuň ýaly-da, dünýäniň ylmy edebiýatlary bilen tanyşmak üçin hem daşary ýurt dilleri möhüm bolup durýar. Şeýlelikde, daşary ýurt dilini öwredýän mugallymlaryňdyr hünärmenleriň öňünde birnäçe pedagogik wezipeler durýar.

Täze taryhy döwrümizde ýaşlaryň daşary ýurt dillerini çuňňur öwrenmekleri, şolaryň netijesinde hem dünýä derejesinde bilim almaklary möhüm wezipedir. Şunuň bilen baglylykda, Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen dünýä halklarynyň dillerini öwrenmekde uly netijeler gazanylýar. Bu işler Diýarymyzy täze ösüşlere ýetirýär, mähriban halkymyzy täze üstünliklere ruhlandyrýar.

**Kamila MARAWAÝEWA,**
**Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň institutynyň mugallymy.**

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026